# Gelin gelýär

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Gelin gelýär GELIN GELÝÄR



Ýere garap, assa ýöräp,
Görüň täze gelin gelýär,
Aýagynda gülli jorap,
Görüň täze gelin gelýär.
Kürteden sallanan seçek,
Aý ýüzi örten araçäk,
Taýly gelýär ogul-gerçek,
Görüň täze gelin gelýär.

Kamaty jennetiň hüýri,
Gursakda söýginiň töri,

Heý, gözellik bormy gaýry,
Görüň täze gelin gelýär.

Guwanjy enäň-atanyň,
Maksat-myrada ýeteniň,
Içinde gyzyl keteniň,
Görüň täze gelin gelýär. Goşgular